# «Toý tutulýar…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Toý tutulýar…" «TOÝ TUTULÝAR…»

Toý tutulýar,
Söz aýdylýar yz-yza,
(El çarpmalar bolupdyr toý kadasy).
Aşyk ýigdiñ,
Magşuk gyzyñ şanyna
Göterilýär al şeraplañ badasy.

Bozýar ümsümligin agşam çagynyñ
Küştdepýänleñ hem-de bagşylañ sesi.
Oñ welin kalbynda ýañlanyp gidýär
Güllañ şuwwuldysy,
Top gümmürdisi.

Jellatlar gygyrýar: «Boýun bolmasa,
Dözmezçilik etmäñ, gollaryn kesiñ!..»
Birdenem tisginip-tisginip gidýär,
Eşidip çarpylýan elleriñ sesin.

Toý şuglasy çaýlan juwan ýüzlere,
Garap, oñam gelýär elin çarpasy.
Düşünse-de diñe el çarpmalarda
Däldigine gelin toýnuñ sarpasy,
Gelýär, oñam gelýär elin çarpasy.

Arman ýatlamalar oñ göz öñüne
Getirýär gollarnyñ kesilen wagtyn.
…Toý tutulýar,
Gorapdy oñ elleri
Şu günki toý tutýan ýaşlaryñ bagtyn.

Nurgözel GOZLYÝEWA. Goşgular